# Gutarnykly portret

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gutarnykly portret GUTARNYKLY PORTRET

«Şekspir diýipdir, Şiller diýipdir,
Ine, şeýle diýen Nazrul Yslam.
Muny Gomer ýaly şirler diýipdir,
Bir öwrümde şuny aýdypdyr Paskal…»
Ýene bir aýlawda, soñ bir geçitde,
Gorpuñ gyrasynda ýa-da uçutda.
«Üçürdikläp, zyk etdirmän ajala,
Ak maýadan agan wagty kejebe…
Şonda Sezar çykyp giden senatdan,
Kir şeý diýen geçen güni syratdan.
Dana dözmän boşadypdyr ýesiri,
Öz dilinden soýdurypdyr Nesimi.
Düşüniñ, şu pikir gelýär Darwinden,
Ynha, bular gözbaş alýar Harbinden.
Ol akyldar gaçan wagty hanyndan,
Şeý diýen sal ýasap öküz hamyndan.
Isgenderiñ şahyn buşlapdyr guýy,
Topulan doñuz bor, asylşan aýy.
Lukmany jahana ýaýan zehindir,
Ine, Saýat-Nowa, ynha, Jamydan,
Bir gezek serwiden ýasap tabydyn,
Bir gezek derýadan çykanda peýker,
Gözüni tegeläp, añk bolan Haýdar…»
Danalar paýawlap, gutaryp tymsal,
Onuñ öz pikiri ýekeje mysgal.
Şonda-da şakyrdap, gozganýar memmer,
Agzynyñ keýpini görüp ýör zaññar…

* * *

«Göwün garramaýar…» diýibersinler

Garraýar!
Ömürlik juwandyr durmuş.
Altmyşda aýnaşyp söýübersinler,
Özün aldaýandyr, eý, Hudaý urmuş!..

Pensiýañ ilkinji manatlaryny
Gapjygyna salyp, goý, ýazsyn goşgy.
Belki, gizleýändir galatlaryny ~
Kim bilýär, bu zatlar gabykdyr daşky?!

Ýylandan öñürdip, geçisin emen,
Arş üste tor zyban gijenje gözler,
Müñ hile, müñ öwrüm, müñ ýol, müñ emel ~
«Gözel seni»* ömür döredip bilmez!

Ilçilikdir, bilin guşan tapylar,
Ýöne ol pälwan däl ~ kelpeñlikdendir.
Görseñ «keremlikden» nyşan tapylar,
Aý, hawa-da…
Bular telperlikdendir.

Mes atmyşyn gazygynda aýlana,
«Göwün!.. Göwün!..»
Gitjek, gezjek, ýaýnajak.
Ýedi ýaşan bedew çykmaz aýlawa ~
Geñ zat: adam oýnajak hem aýnajak…

---

* Magtymguly

Baýram JÜTDIÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Goşgular